# Ölümiñ öñ ýanynda aýdylan sözler

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ölümiñ öñ ýanynda aýdylan sözler ÖLÜMIÑ ÖÑ ÝANYNDA AÝDYLAN SÖZLER



***Ahmet Bekmyrada***
«Barsañ döwran ötdi diýgil daglara…»
(**Halk aýdymyndan**)

Bilmedim men: bizden döwran ötdümi –
Ne arwahdan,

Ne ajaldan gorkaram,
Geçirdim bu ömri köne güpbüli
Hem ýetirdim süýreý-süýreý kyrkyma.

Köñül aýdymlarym sabadymyka?! –
Ne owaz bar,
Ne sowal bar.
Dymyşlyk.
Şu pursat iñ soñky sagadymmyka?! –
Didaryn küýseýän köne tanyşlañ.

Buýsançly baglaryñ başlary egik,
Buýsançly gyzlaryñ yşky solupdyr.
Ýetişdim, gör, kimleñ göwnüne degip,
Yşkymdan, gör, kimleñ göwni galkdy.

Ýylgyryp gezdim men başardygymdan,
Ýygrylyp gezdim men – tebigatymdan.
Nadyl bolmasam-da ýaşan günümden,
Mensiz günler üçin tebil tapyndym.

Döwründe asmanyñ Aýyn diledim,
(Oña ýeten barmy?!)
Galdym söýüb-ä,
Kä ýognaldy,
kä inçeldi bilegim –
Özüm götermedim ilden beýige.

Ýürekdeş tapyndym – ýitirip gördüm –
(Ençe söwer dostum ötdi aýatdan).
Egnimde il derdin göterip gördüm,
Öñde-de däl,
galmadymam aýakda.

Bilmedim men: bizden döwran ötdümi,
Ýa ýene-de Tañryñ gözi düşermi?
Geçirdim ömrümi köne güpbüli,
Hem ýazynyp sary gaçan düşegmi…

13.08.1990 ý.

Döwlet GARKYN. Goşgular